Parahatçylyk söýüjilik we oňyn Bitaraplyk ýörelgeleri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlup, häzirki täze taryhy eýýamda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýän Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň esasyny düzýär. Bitarap ýurdumyz öz üstüne alan halkara borçnamalaryna üýtgewsiz ygrarly bolmak bilen, parahatçylyk dörediji merkez hökmünde ykrar edilýär.

2025-nji ýyly “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýip yglan edýän Kararnamanyň giriş böleginde birnäçe döwletleriň yglan eden we alyp barýan bitaraplyk syýasatynyň parahatçylykly, ynanyşykly, dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekdäki möhüm orny aýratyn nygtalýar. Munuň özi Türkmenistanyň daşary syýasat doktrinasynyň diňe bir ykrar edilmän, eýsem, iň ýokary halkara derejede goldanylýandygynyň hem güwäsi bolup durýar. Kararnamanyň esasy bölegi onuň many-mazmunyny anyk hereketlere gönükdirip, ony diňe bir resminama däl-de, eýsem, degişli ugurda işler üçin gollanma öwürýär.

Halkara Bitaraplyk gününi, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyllaryny hem-de Merkezi Aziýany parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy diýip yglan etmek baradaky başlangyçlar ýurdumyzyň çuňňur oýlanyşykly we yzygiderli daşary syýasat strategiýasynyň netijeleridir. Türkmenistan diňe bir başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň halkara giňişlikde ykrar edilmegini we iş ýüzünde durmuşa geçirilmegini gazanmaga taýýardygyny hem görkezýär. Şeýle yzygiderlilik ýurdumyzyň daşary syýasatyna ynamy has-da pugtalandyrýar. 2025-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumynyň geçirilmegi ägirt uly ähmiýete eýedir. Bu waka Türkmenistanyň degişli başlangyjyň çäklerinde dünýä diplomatiýasynyň merkezine öwrülmegini şertlendirer. Forum tejribe alyşmak, ähliumumy meseleleri ara alyp maslahatlaşmak we bilelikdäki çözgütleri işläp taýýarlamak üçin möhüm meýdança bolup, ýurdumyzyň ähliumumy parahatçylyk döredijilik ulgamynda ornuny pugtalandyrmaga, onuň hemişelik Bitaraplyk derejesine ünsi çekmäge mümkinçilik berer.

Türkmenistan parahatçylygyň, howpsuzlygyň ykdysady ösüş bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny yzygiderli nygtaýar. Şunuň bilen baglylykda, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly energetika howpsuzlygy, ulag arabaglanyşygy, ekologiýa diplomatiýasy ýaly wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin hem wajyp meýdança bolup hyzmat edýär. Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we diwersifikasiýalaşdyrylan ugurlarynyň döredilmegi, sebitleri birleşdirýän ulag geçelgeleriniň ösdürilmegi, howanyň üýtgemegi, suw serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy bilen bagly meseleleriň bilelikde çözülmegi döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam edýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň bu Kararnamasy parahatçylyk döredijilik diplomatiýasynyň taryhynda möhüm tapgyr bolup, Türkmenistanyň yzygiderli we işjeň daşary syýasatynyň üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň güwäsidir. 2025-nji ýylyň “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak

Все права защищены

ýyly” diýlip yglan edilmegi, hususan-da, jemleýji forumy Aşgabatda geçirmek baradaky başlangyjyň goldanylmagy halkara jemgyýetçiligiň parahatçylygy ilerletmek işinde Türkmenistanyň öňdebaryjy ornuny ykrar edýändigini görkezýär.

Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli daşary syýasaty ähliumumy derejede ynanyşmaga we özara hormat goýmaga esaslanýan has adalatly halkara gatnaşyklar ulgamyny döretmäge goşant goşup, häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşmegini dowam edýär.

**Ýazberdi AKYMMAÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены